Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Ýuridik şahslary we maýa goýum taslamalary döwlet tarapyndan bellige almak bölüminde
"BELLIGE ALYNDY"

№ 24/[illegible]

2018 ý. [illegible] aýynyň "26"

"Tassyklaýaryn"
Türkmenistanyň Döwlet ministri
"Türkmengaz" Döwlet konserniniň başlygy
__________ M.Arçaýew

2018 ý. maý aýynyň "31"

Buýruk № 112-[illegible]

# "Türkmengaz" döwlet konserniniň Mary nebitgaz orta hünär okuw mekdebiniň

# TERTIPNAMASY

2018ý.

**Mary nebitgaz orta hünär okuw mekdebiniň**
**Tertipnamasyna goşmaça**

1. Tertipnamanyň "Umumy düzgünler" atly 1-nji maddasynyň 1.2 bendini aşakdaky beýanda okamaly:
   1.2. Mekdebiň esaslandyryjysy Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Ýuridik şahslary we maýa goýum taslamalary döwlet tarapyndan bellige almak bölümi tarapyndan 2018-nji ýylyň Mart aýynyň 01-ne 25481656 belgi bilen gaýtadan bellige alnan "Türkmengaz" Döwlet konserni (mundan beýläk Tertipnamada „Esaslandyryjy“ diýlip atlandyrylýar) bolup duryar.

2. Beýleki maddalar üýtgedilmän galýar.

Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş Ministrliginiň Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirliginde
**HASABA ALYNDY**

№ 2396821

2015 ý. 07 aýynyň "06"

"Tassyklaýaryn"
"Türkmengaz" Döwlet Konserniniň başlygy

A.Begliýew

2015 ý. maý aýynyň "12"

Buýruk № 84-iş

"YLALAŞÝARYN"
Türkmenistanyň Bilim ministri

Agamyradow P.N

2015 ý. aýynyň "______"

# "TÜRKMENGAZ" DÖWLET KONSERNINIŇ MARY NEBITGAZ ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEBINIŇ

# TERTIPNAMASY

**2015 ý.**

Şu Tertipnama Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, Türkmenistanyň Zähmet we Raýat kanunlaryna," Kärhanalar hakynda" Türkmenistanyň kanunyna, "Bilim hakynda" Türkmenistanyň kanunyna, Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy-hukuk namalaryna laýyklykda işlenip düzüldi.

Şu Tertipnama hünär , ruhy we sazlaşykly terbiýe, raýatlyk kemala gelmegi we kämilleşmegi üçin okaýan okuwçylara (talyplara) durmuş hem-de bilim hyzmatlaryny üpjün etmek boýunça orta hünär okuw mekdebiniň umumy guramaçylyk-hukuk esaslaryny, maksatlaryny, wezipelerini we iş ýörelgelerini kesgitleýär.

## 1.UMUMY DÜZGÜNLER.

1.1.''Türkmengaz'' döwlet konseriniň Mary nebitgaz orta hünär okuw mekdebi (mundan beýläk „Mekdep" ) Turkmenistanyň Prezidentiniň 2010-njy ýylyň 25-nji iýunyndaky 11106 belgili karary bilen Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalary döwlet tarapyndan hasaba almak müdirliginde 2010-njy ýylyň 12-nji martynda 24242612 belgi bilen hasaba alynan öňki „Türkmengaz" döwlet konserniniň „Marygazçykaryş" müdirliginiň 1-nji Hünärment mekdebiniň binýadynda döredilen we mundan beýläk onuň miras hukuk oruntutary bolup durýar.

1.2. Mekdebiň esaslandyryjysy Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Daşary ýurt maýa guýumlary baradaky dňwlet gullugynyň Edaralary döwlet tarapyndan hasaba alyş gullugy tarapyndan 2006-njy ýylyň Fewral aýynyň 28-ne 24230212 belgili şahadatnama bilen hasaba alynan „Türkmengaz" Döwlet konserni bolup çykyş edýär. Onuň hukuk salgysy: 744036,Türkmenistan, Aşgabat şäheri, Arçabil şaýoly, 56.

1.3. Mekdep Nebitgaz ulgamynda işlejek orta hünär bilimli hünärmenleri taýýarlamak boýunça döwlet bilim edarasy bolup durýar.

1.4. Mekdep öz işini hojalyk hasaplaşygynda alyp barmak bilen onuň aýratyn emlägi, özbaşdak balansy, Türkmenistanyň çäklerinde hasaplaşyk we şol sanda – da, bank edaralarynda daşary ýurt hasaplary bolýar.

1.5. Mekdep edara görnüşli tarap bolup durýar. Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda maliýe – hojalyk işlerini amala aşyrýar, öz adyndan şertnama baglaşýar, emläk hukugyny gazanýar hem-de öz borçnamalary bolýar.

1.6. Mekdebiň türkmen dilinde öz ady goýulan, Türkmenistanyň Döwlet tugraly möhri, möhürçeleri we resmi kagyzlary bolýar.

1.7. Mekdebiň türkmen dilinde doly resmi ady: **„Türkmengaz" döwlet konserniniň „Mary nebitgaz orta hünär okuw mekdebi".**

Mekdebiň rus dilinde doly resmi ady : **Марыйская нефтегазовая средняя профессиональная школа Государственного концерна ‹‹Туркменгаз››.**

Mekdebiň iňlis dilinde doly resmi ady: **Mary oilgaz techinicol secondary school at „Turkmengaz" state concern.**

1.8. Mekdep ilkinji gezek Mary welaýat statistika uprawleniýesi tarapyndan 1994-nji ýylyň maý aýynyň 27-ne 88693 belgili şahadatnama esasynda № 32-nji hünärment mekdebi ady bilen hasaba alyndy.

1.9. Mekdebiň hukuk salgysy: Mary welaýaty, Mary şäheri, Kemine köçesi, 33-nji jaý.

## 5
## 2. MEKDEBIŇ IŞINIŇ MAKSATLARY WE WEZIPELERI

2.1.Mekdebiň işiniň esasy maksatlary türkmen jemgyýetimiň we döletiniň ýokary gymmatlygy bolan adamyň şahsyýetini hemme taraplaýyn we sazlaşykly ösdürmekden, Türkmenistanyň Nebitgaz ulgamynyň orta hünär bilimli hünärmenlere bolan talaplaryny ýerine ýetirmekden we isleglerini kanagatlandyrmakdan ybarat.
2.2. Mekdebiň öňünde durýan wezipeleri:
-Türkmenistanyň Prezidentiniň bilim syýasatyny durmuşa geçirmek;
-raýatlaryň bilim almak baradaky konstitusion hukuklaryny iş ýüzünde amala aşyrmak, olaryň ruhy, ylmy-aňyýet taýdan öňe sürülýän pikirler esasynda sazlaşykly ösmekleri üçin ähli zerur bolan başlangyçlary we şertleri döretmek;
-Türkmenistanyň Nebitgaz pudagy üçin, bu ulgamyň öňünde durýan meseleleri çözmeklige ukyply orta hünär bilimli hünärmenleri taýýarlamak;
- Türkmenistanyň Nebitgaz pudagynyň bölümlerinde önümçilik tejribelerini geçirmek bilen utgaşdyryp, talyplara nazaryýet okuwlaryny okatmak;
-Nebitgaz ulgamynyň hünärmenleriniň hünär derejesini ýokarlandyrmak we olary gaýtadan taýýarlamak;
-ýurduň ilatynyň arasynda nebitgaz ulgamynyň gazananlaryny ýaýratmak we wagyz etmek;
-beýleki türkmen we öňdebaryjy ýurt okuw edaralary hem-de guramalary bilen hünärmenleriň hünär taýýarlyk tejribesini öwrenmek we peýdalanmak, täze nebitgaz innowasion tehnologiýalar boýunça ylmy barlaglary geçirmekde hyzmatdaşlyk etmek;
-orta hünär bilimi, başlangyç hünär bilimi, hünär taýýarlygy, işgärleriň hünär derejesini ýokarlandyrmak we olary gaýtadan taýýarlamak boýunça bilim maksatnamalaryny amala aşyrmak;
-Türkmenistanyň bilim hakyndaky kanunçylygynda kesgitlenen beýleki wezipeleri amala aşyrmak.
**2.3. Mekdebiň iş görnüşleri:**
- Hünär böýünça bilim;

2.4. Iş görnüşleriniň döwlet ygtyýarnama, şahadatnama almaga degişli bolanlary, degişli ygtyýarnama, şahadatnama we beýleki rugsat beriji resminamalar alnandan soň ýerine ýetirilýär.

## 3. MEKDEBIŇ YGTYÝARLYKLARY WE JOGAPKÄRLIGI

3.1. Mekdep esasy wezipelerini ýerine ýetirmek üçin, bilim beriş işlerini,işgärleri seçip almagy we işe bellemegi,maliýe ,hojalyk we beýleki işleri,Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna we şu Tertipnama laýyklykda özbaşdak amala aşyrýar.
3.2. Mekdebiň ygtyýarlyklaryna şular degişli:
-Mekdebiň Tertipnamasynyň taslamasyny işläp düzmek, oňa zerur bolan üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek we tassyklamak üçin “Türkmengaz” Döwlet konserniniň garamagyna hödürlemek;
-Mekdebiň işini kadalaşdyrýan içerki zähmet kadalaryny we beýleki resminamalary işläp düzmek we kabul etmek;

-Mekdebiň düzümleýin gurluşyny işläp düzmek,mekdebiň içerki dolandyryş düzümbölümlerini kesgitlemek,işgärler sanawyny işläp düzmek, işgärleriň arasynda wezipe borçlaryny paýlamak;
- Mugallymlary , edara ediş-dolandyryş,okuw-ýardam beriş we inžener-tehniki işgärleri seçip almak we işe kabul etmek, olaryň hünärini ýokarlandyrmaklegyny we zerur bolan zähmet şertlerini üpjün etmek;
-Işgärlere ýurtda hereket edýän iş haklaryna we wezipe töleglerine laýyklykda , zähmet haklaryny tölemegiň we olary sylaglamagyň görnüşini hem-de ulgamyny kesgitlemek, Türkmenistanyň kanunçylygynda başgaça göz öňünde tutulmadyk, wezipe iş haklaryny, üste tölemegiň we goşmaça tölemegiň , sylaglaryň we meýleki maddy taýdan goldamak çäreleriniň ölçeglerini bellemek;
-kabul edilen kadalara we talaplara laýyklykda , okuw işlerini maddy-tehniki taýdan üpjün etmek we enjamlaşdyrmak , jaýlary abzallaşdyrmak we abadanlaşdyrmak;
-Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň edara görnüşli we şahsy taraplarynda , şeýle-de Halkara guramalarynda we gaznalarynda zerur bolan enjamlary, tehniki serişdeleri,okuw we ylmy edebiýatlary we beýleki maddy gorlary öz hususy gaznasynyň , ýa-da beýleki serişdeleriň (grantlaryň , haýyr-sahabatyň we ş.m.) hasabyna edinmek,kärendesine almak;
-bellenen tertipde ulanylyş taýdan könelişen we fiziki taýdan hatardan çykyşýan enjamlary,abzallary , häzirki zaman okuw talaplaryny ödemeýän serişdeleri (gymmatbahalylaryny hem goşmak bilen) we kitaplary balansdan geçirmek we satmak;
-ýaramaz bolan ýa-da könelişen esasy serişdeleri bellenen tertipde Mekdebiň balansyndan çykarmak;
-ulanylmaýan enjamlary,inwentarlary,materiallary we beýleki gorlary satmakda , kärendesine bermekden gelýän serişdeleri öz garamagynda galdyrmak we olary maddy-tehniki we durmuş binýatlaryny giňeltmek we ösdürmenk üçin peýdalanmak;
-Türkmenistanyň we daşary ýurtlaryň edara görnüşli we şahsy taraplarynyň,şeýle hem jemgyýetçilik we halkara guramalarynyň gaznalarynyň serişdelerini peýdalanmak üçin,Mekdebiň işgärleriniň durmuş-ykdysady we ýaşaýyş binýadyny ösdürmek, talyplaryň umumy ýaşaýyş jaýynda bolmaklary we durmuş şertleri üçin zerur şertleri döretmek, okuw mekdebiniň sagaldyş-sport ,bejeriş-öňüni alyş we medeni edaralarynyň ulgamyny giňeltmek;
-Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda işgärleri taýýarlamagyň derejesini we hünärini ýokarlandyrmaga gönükdirilen okuw,ylmy-önümçilik we beýleki düzümbölümlerini gurnamak, talyplara goşmaça bilim hyzmatlaryny hödürlemek we Mekdebiň mugallymlarynyň ylmy mümkinçiliklerini netijeli peýdalanmak;
-okuw işlerini gurnamak we amala aşyrmak , ýetişigiň yzygiderli barlagyny , ýarymýyllygyň dowamynda we jemleýji hünär synaglaryny amala aşyrmak;
-okuw meýilnamalaryny we okuw dersleriniň maksatnamalaryny ,bilimberiş işlerini üpjünetmek üçin zerur bolan beýleki okuw –usulyýet resminamalary işläp düzmek;
- okuw kitaplaryny , okuw gollanmalaryny ,ylmy işleriň ýygyndylaryny we beýleki okuw-usulyýet edebiýatlary we resminamalary neşire taýýarlamak;
-ylmy maslahatlary , seminarlary we beýleki ylmy-amaly we okuw-usulyýet çäreleri gurnamak we geçirmek;

- şu tertipnamada göz öňünde tutulmadyk Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik beýleki ygryýarlyklary amala aşyrmak.

3.3 Mekdep, öz ygtyýarlyklarynyň çäginde:

- okatmagyň we terbiýe bermegiň öňdebaryjy görnüşlerini we usullaryny, döwrebap usulyýetini we täzeçilik bilim hem-de täze tilsimatlary ýüze çykarýar, öwrenýär, işläp düzýär, ornaşdyrýar;
- Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenen tertipde türkmen we daşary hyzmatdaşlary bilen bilelilkdäki işler barada şertnamalary, ylalaşyklary baglaşýar we olar bilen gönümel iki taraplaýyn we köptaraplaýyn gatnaşyklary amala aşyrýar;
- baglaşylan şertnamalar esasynda edara görnüşi we şahsy taraplara tölegli hyzmatlary ýerine ýetirýär;
- Mekdeiň öňünde durýan we onuň Tertipnamalarynyň maksatlaryny gazanmagyny esaslandyrýan wezipeleriň netijeli çözülmegi üçin zerur bolan beýleki işleri amala aşyrýar.

3.4. Mekdep Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda:

- şu tertipnamada öz ygtyýarlyklaryna degişli edilen wezipeleri ýerine ýetirmedik ýagdaýynda;
- bilim beriş maksatnamalaryny, şeýle hem okuwyň alnyp barlyşyny doly möçberinde ýa-da degişli derejede ýerine ýetirmedik ýagdaýynda;
- Türkmenistanyň kanunçylygynda göz öňünde tutulan beýleki ýagdaýlarda jogapkärçilik çekýär.

3.5. Mekdep Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda ygtyýarlandyrmaga degişli işiň görnüşlerini ygtyýarnama esasynda amala aşyrýar.

## 4. OKUW IŞLERINIŇ MAZMUNY WE GURNALŞY

4.1. Mekdepde hünärmenleri taýýarlamak gündizki, güdizki-gaýbana (agşamky) we gaýybana görnüşlerinde amala aşyryp bilner we okuwyň möhleti Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan tassyklanýan degişli hünärleriň okuw meýilnamasy bilen kesgitlenilýär.

4.2. Mekdepde talyplary okatmak tölegli esasda amala aşyrylýar. Okuw üçin tölegleriň möçberi “Türkmengaz” döwlet konserni we Türkmenistanyň maliýe ministirligi tarapyndan, Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda kesgitlenilýär.

Talyplary töleginden boşatmak “Türkmengaz” döwlet konserniniň teklipleri esasynda amal edilýär.

Dalaşgäre okuwa girmek üçin resminamalary tabşyrýan wagtynda , okuwyň tölegi barada kepilhaty görkezýär, şol kepilhatda okuwyň tölegini her okuw ýyly boýunça her aýyň 10-na çenli tölemeklik bellenilýär.

4.3. Mekdepde dalaşgärleriň arasynda giriş synaglaryny geçirmek arkaly, ýetişik esasynda talyplygy kabul edilýär.

Mekdebe okuwa girmäge Türkmenistanyň orta bilimli raýatlarynyň hukugy bardyr.

Mekdebe kabul ediş raýatlaryň şahsy arzasy boýunça Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuknamalarynda bellenen tertipdäki giriş synaglarynyň netijeleri boýunça, bäsleşik esasynda amama aşyrylýar.
Mekdep degişli bilim maksatnamasyny özleşdirmäge has ukyply we taýýarlykly ýaşlaryň okuwa alynmagyny üpjün edýär. Şunlukda, mekdebiň kabul ediş toparynyň işindäki aýanlygy we açyklygy, okuwa girýänleriň giriş synaglary wagtynda ukyplaryny we bilmlerini bahalandyrmakdaky dogruçylyllygy kepyillendirýär.

Kabul ediş toparynyň düzümine, hökmany tertipde, “Türkmengaz” döwlet konserniniň wekili girizilýär.

Daşary ýurt raýatlaryny okuwa kabul etmek Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

4.4. Mekdepde okuwyň dowamlylygy, Türkmenistanda hereket edýän orta hünär okuw Mekdeplere goýulan talaplara laýyklykda bellenilýär. Okuwlaryň mazmuny orta hünär okuw mekdebiniň degişli döwlet bilim beriş çäkleriniň esasynda özbaşdak işlenip düzülen okuw meýilnamasy bilen kesgitlenilýär. Okuw meýilnamalary “Türkmengaz” döwlet konserni we Türkmenistanyň Bilim ministirligi bilen ylalaşylýar hem-de Türkmenistanyň Ministirler Kabineti tarapyndan tassyklanylýär.

4.5. Mekdep “Türkmengaz” döwlet konserniniň buýrmasy esasynda Türkmenistanyň Nebitgaz ulgamy üçin zerur bolan hünärler boýunça hünärmenleri taýýarlaýar.

4.6. Mekdepde okuwlar döwlet dilinde alnyp barylýar.

4.7. Mekdepde okuw işleriniň gurnalyşy Nebitgaz pudagy üçin ýokary derejeli orta düzüm işgärlerini taýýarlamagy üpjün etmek şelýle hem okuwyň, zähmetiň we durmuşyň howupsyz we sagdyn şertlerini döretmek maksatlaryndan gelip çykýar.

Mekdepde okuw işlerini gurnamagy dolandyrmak maksatlarynda:

- Talyplary okuw serişdeleri (okuw we beýleki edebiýatlar, kompýuter tehnikasy, awdiowizual we tehniki serişdeler we beýlekiler) bilen üpjün edýär;
- Orta hünär okuw mekdebiniň çäginde ýerleşýän ýa-da balansynda durýan saglygy bejeriş nokadyna, naharhana beýleki ýaşaýyş durmuş ugurlary boýunça jaýlary (kärendesine) berýär, bu jaýlaryň ýyladyş, ýagtylyk we ýyly suw üpçünjilik zerurlyklaryny üpjün edýär.

4.8. Mekdeplerdäki okuw, barlag sapaklarynyň we ýerine ýetirilýän işleriň görnüşleri:

- umumy okuw, söhbet, amaly, tejribe sapaklary; okuw we önümçilik tejribeleri; ýyllyk iş; sorag - jogap; hasap, synag.
- talyplaryň maksatlarynyň materialy öwrenmek boýunça “olary ýazyp almak, gysgaça belliklere almak , hasabatlary dümek we ş.m.” özbaşdak işeri;
- talyplar bilen aýratynlykda işlemek;
- maslahatçylyk talyplaryň özbaşdak işelrine gözegçilik;
- hasap tabşyrylmadyk okuw materialyny we talyplar tarapyndan goýberilen sapaklary gaýtadan özleşdirmek.

4.9. Talyplary okwuw işi bilen baglanşykly bolmadyk işler üçin sapaklardan

almaklyk. Türkmenistanyň Ministirler Kabinetiniň çözgütleri bilen kesgitlenen ýagdaýlardan galan ýagdaýlarda rugsat edilmeýär.

4.10. Talyplar Mekdepde okuw döwrüde, okuw we önümçilik tejribelerini geçýärler. Talyplaryň okuwyny we terjribesini geçmekleri üçin Nebitgaz pudagynyň edaralary mekdebe buýrma berip bilerler.

4.11. Okuw ýyly sentýabr aýynyň 1-de başlanýar we degişli hünär boýunça okuw meýilnamasyna laýyklykda tamamlanýar. Okuw ýyly iki ýarym ýyllyga bölünýär olaryň her biri synag möwsümi bilen tamamlanýar. Okuwlar ýarym ýyllyk üçin düzülen sapaklaryň tertibi boýunça geçirilýär.

Talyplar üçin ýylla 2 gezek, jemi pesinden 40 günden az bolmadyk dowamlylykda dynç alyş rugsady berilýär. Dynç alyş rugsadynyň anyk möhlet we dowamlylygy, degişli hünäriň aýratynlygyna baglylykda, okuw meýilnamasynda kesgitlenilýär.

4.12. Bir okuw sagadynyň dowamlylygy Türkmenistanyň Bilim ministirligi tarapyndan bellenilýär, talybyň hepdäniň dowamyndaky hökmany auditoriýa okuwy taýýarlyk ugrunyň, hünäriň degişli okuw meýilnamasynda kesgitlenilýär okuw sagatlarynyň (umumy okuwlaryň söhbet , amaly, tejribe sapaklarynyň) arasyndaky arakesmeler mekdep tarapyndan okuwyň aýratynlygy we okuw otaglarynyň ýerleşişini hasaba almak bilen kesgitlenilýär.

4.13. Talyplaryň bilimi, başarnygy we endikleri döwlet resminamalarynda şu hili bahalar bilen kesgitlenilýär: 5 (bäş), 4 (dört) , 3 (üç) , 2 (iki). Baha synagda ýa-da talyplaryň okuw işlerinde yzygiderli gözegçiligiň netijeleri boýunça goýulýar. Dersler we talyplaryň okuw işleriniň görnüşleri üçin hasap bolup durýan hil bahasy “hasap”, “hasap däl” bellenilýär. Ol talybyň okuw işiniň yzygiderli gözegçiliginiň ýa-da jemleýji gürrüňdeşligiň netijeleri boýunça goýulýar.

Synaglary geçirmegiň senesi okuw bölüminiň müdiri bilen ylalaşylyp mekdebiň direktory tarapyndan tassyklanylýar.

Synagyň-ýada yzygiderli gözegçiligiň netijeleri boýunça alnan baha bilen ylalaşmadyk talyplara, onuň tabşyrylan güni talybyň arzasy boýunça Mekdebiň direktory synagy gaýtadan tabşyrmaga hukuk berip biler.

4.14. Ýetşigi oňat bolan talyplary birinji okuw ýylyndan ikinji okuw ýylyna geçirmek Türkmenistanyň Bilim ministirligi tarapyndan tassyklanan ýyllyk synaglar we hasaplar baradaky düzünnama laýyklykda, okuw bölüminiň müdiriniň hödürlemegi boýunça Mekdebiň direktorynyň buýrugy bilen amala aşyrylýar.

Gyşky synag möwsüminiň netijeleri boýunça ýetişmeýän talyplara öz okuw bergilerini aýyrmak üçin möwsümiň tamamlanan güninden başlap, bir aýdan köp bolamdyk möhletde mümkinçilik berilýär. Şondan soň olar okuwdan çykarylmaga degişli edilýär.

Tomusky synag möwsüminiň netijeleri boýunça ýetişmeýän talyplara öz okuw bergilerini aýyrmaga dowamlylygy bir aýdan köp bolmadyk möhletde emma indiki okuw ýyly başlanýança mümkikçilik berilýär. Şondan soň olar okuw bergilerini tabşyrmasa okuwdan çykarylmaga degşli edilýär. Birinji okuw ýylyndan ikinji

okuw ýylyna çenli şertli geçirmäge rugsat berilmeýär.
4.15. Talyplary düzgün-nyzam jogapkärçiligine çekmek, şol sanda okuwdan çykarmak, şeýle hem okuwa dikeltmek, geçirmek we ýyllyk rugsada goýbermek hereket edýän kanunçylykda bellenen tertipde amala aşyrylýar.
4.16. Okuw meýilnamasynyň ähli talaplaryny üstünlikli ýerine ýetiren talyp jemleýji döwlet synagyna goýberilýär, onuň netijesi boýunça uçuryma degişli hünäri we orta hünär bilim baradaky diplomy bermek karar edilýär. Diplomyň goşundysynda talybyň okuw döwrüniň dowamynda öwrenen ähli dersleri boýunça alan bahalary görkezilýär.
4.17. Mekdebiň terbiýeçilik wezipeleri talyplaryň we mugallymlaryň bilelikde okuw, ylmy, döredijilik, önümçilik we jemgyýetçilik işlerinde amala aşyrylýar.

## 5. MEKDEBIŇ DOLANDYRYLYŞY WE DÜZÜMI

5.1. Mekdebiň ähli işine ýolbaşçylyk "Türkmengaz" döwlet konserniniň başlygy tataryndan işe bellenilýän we wezipeden boşadylýan direktor tarapyndan amala aşyrylýar.

Mekdebiň direktory hünärmenleriň taýýarlygynyň hili, ýaş nesli Döwlete, Garaşsyzlyk we Bitaraplyk Taglymatyna, Watana, Halka, Türkmenistanyň Prezidentine çuňňur hormat we wepalylyk ruhunda terbiýelenilişiniň netijesi üçin doly we şahsy jogapkärçilik çekýär.

Direktoryň ýok wagtynda onuň wezipelerini direktoryň orunbasary ýerine ýetirýär.

Direktor Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda Mekdebiň adyndan hereket edýär, ähli edaralarda, kärhanalarda, guramalarda onuň adyndan wekilçilik edýär, okuw mekdebiniň emlägine ygtyýar edýär, işgärler işe alynanda kanunçylykda bellenilen tertipde şertnamalary, hojalyk we beýleki şertnamalary baglaşýar, ynanç hatlaryny berýär, bankda hasaplary açýar, maliýe serişdelerine ygtyýar ediji bolup çykyş edýär.

Mekdebiň direktory öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde:

- ähli işgärler we talyplar üçin hökmany bolan buýruklary çykarýar we görkezmeleri berýär;
- mugallymlary we beýleki işgärleri wezipelere bellemegiň kesgitlenen tertibiniň berjaý edilmegini üpjün edýär;
- işgärleri işe kabul etmegi we işden boşatmagy amala aşyrýar;
- Mekdebiň düzümine girýän bölümleriň ýolbaşçylaryny tassyklaýar, olaryň ygtyýarlyklaryny kesgitleýär;

5.2. Mekdebiň okuw meselelerine mugallymlaryň maslahatynda seredilýär. Ol aýda bir gezek geçirilýär.
5.3. Okuwyň usuly taraplaryny kadalaşdyrmak üçin okuw-usulyýet Geňeşi döredilýär. Okuw-usulyýet geňeşiniň düzümi we ygtyýarlyklary Mekdebiň direktory tarapyndan tassyklanylýan Düzgünnama bilen kesgitlenilýär.
5.4. Mekdepde direktoryň orunbasarlary wezipesi döredilýär. Direktoryň

orunbasarlary, “Türkmengaz” döwlet konserniniň başlygy bilen ylalaşylyp, Mekdebiň direktory tarapyndan wezipä bellenilýär we wezipeden boşadylýar. Direktoryň orunbasaryna ýüklenilýän wezipe borçlary “Türkmengaz” döwlet konserni tarapyndan kesgitlenilýär.

5.5. Mekdebiň direktorynyň işgärler sanawynyň çäklerinde, okuw bölümini, hünärler boýunça bölümlerini döretmäge hukugy bardyr. Okuw bölüminiň işine ýolbaşçylygy okuw bölüminiň müdiri amala aşyrýar. Okuw bölüminiň müdiri öz ygtyýarlyklarynyň çäginde onuň ähli işgärleri we talyplary üçin hökmany bolan görkezmeleri berýär. Okuw bölüminiň müdiri okuw-terbiýeçilik işlerine ýolbaşçylyk edýär. Okuw-terbiýeçilik işiniň netijeleri boýunça doly we şahsy jogapkärçilik çekýär. Okuw bölüminiň müdiri öz wezipesine Mekdebiň direktorynyň okuw bölüminiň müdiri wezipesine belländigi hakyndaky buýrugy esasynda girişýär.

5.6. Mugallymlar düzümini, talyplary, okuw-ýardam beriji we beýleki işgärleri özünde jemleýän jemgyýetçilik we beýleki guramalar öz işlerini Mekdebiň Tertipnamasynda, merkezi jemgyýetçilik guramalaryň we birleşikleriniň Tertipnamasynda kesgitlenen maksatlara we wezipelere laýyklykda alyp barýarlar we öz Düzgünnamalarynyň esasynda işleýärler.

Mekdepde (mugallymlar we talyplar) kärdeşler arkalaşygy we jemgyýetçilik (partiýa) guramalary, talyplaryň düzgün-tertip gullugy, şeýle-de sport kluby, umumy ýaşaýyş jaýlaryndaky talyplaryň öz-özüni dolandyryş geňeşi we gyzyklanmalary boýunça olary birleşdirýän beýleki jemgyýetçilik birleşmeleri döredilip bilner.

5.7. Mekdep iş dolandyryşyny amala aşyrýar, okuw, ylmy-barlag we terbiýeçilik işini üpjün etmek üçin Türkmenistanyň Bilim ministrligi, beýleki döwlet edaralary tarapyndan tassyklanan gözükdirijilerde kesgitlenen sanawlara laýyklykda beýleki resminamalry ýöredýär.

Mekdep Türkmenistanyň döwlet maglumatlar edaralarynyň talaplaryna laýyklykda hasabat berýär.

## 6. MEKDEBIŇ IŞGÄRLERINIŇ HUKUKLARY, BORÇLARY WE JOGAPKÄRÇILIKLERI

6.1. Mekdebiň işgärler topary mugallymlary, edara ediş-dolandyryş, inžener-tehniki, okuw-ýardam berijilik we beýleki işgärleri özünde jemleýär.

Mekdepdäki ähli derejedäki işgärleriň hukuklary we borçlary Türkmenistanyň kanunçylygyna we şu Tertipnama laýyklykda hem-de Mekdebiň içerki zähmet düzgün-tertip kadalary we beýleki orta hünär okuw mekdebiniň içindäki resminamalar bilen kesgitlenýär.

6.2. Mekdebiň işgärleri şu aşakdakylara hukugy bardyr:

- alan bilimlerine laýyklykda saýlap alan hünärleri we kärleri boýunça işlemäge;
- işleýän döwründe durmuş we hukuk taýdan goraglylyga;
- Mekdebiň okuw, durmuş-ýaşaýyş, beriş we beýleki guramaçylyk bölümleriniň hyzmatlaryndan, maglumatlar gorundan we kitaphana arhiwlerinden peýdalanmaga;
- Mekdebiň degişli guramalaryna saýlamaga we saýlanmaga;

Mekdebiň önümçilik maslahatlarynda çykyş etmäge, okuw-usulýet işlerini kämilleşdirmek, terbiýeçilik işini gowulandyrmak meseleleri boýunça teklipleri bermäge;
Kärdeşlik we beýleki jemgyýetçilik guramalaryna birleşmäge.
6.3. Mekdebiň i şgärleriniň borçlary:
- Mekdebiň işini we abraýyny ýokarlandyrmak barada alada etmek;
- Okuw işleriniň ýokary netijeligini üpjün etmek;
- Öz hünär netijesini yzygiderli ýokarlandyrmak;
- Şu Tertipnamany;düzgünlerini, içki düzgün-tertip kadalaryny berjaý etmek, Mekdebiň emläklerini aýawly saklamak.
6.4. Mekdep tassyklanan işgärler sanawyna laýyklykda işgärler düzümüni düzýär.
Hünär ugry boýunça dersleri okatmaklyga mekdepde mugallymlaryň ýetmezçilik eden ýagdaýynda, mekdep direktorynyň degişli hünärmenleri utgaşdyryp işlemek ýa-da sagatlaýyn töleg esasynda okuw okatmaklyga çekmäge hukugy bardyr.
6.5. Mekdebiň işgärlerine zähmet haklary we wezipe haklary wezipe borçlarynyň we işleriniň ýerine ýetirilenligi üçin tölenilýär. Işgärleriň başga işleri we borçlary ýerine ýetirendikleri üçin goşmaça ylalaşyk boýunça hak tölenilýär.
6.6. Mugallymlaryň hukuklary:
- öz hünäri boýunça işlerini guramaçylyk we maddy-tehniki taýdan üpjün edilmegine;
- okuw dersleriniň mazmunyny bellenen tertipde tassyklanan (hünär) taýýarlyk ugrunyň okuw meýilnamasyna we dersler boýunça okuw maksatnamasyna laýyklykda kesgitlenilmegine ;
- okuwyň öz boluşly aýratynlygyna laýyk gelýän we okuw işiniň ýokary hilini üpjün etýän usullaryny we serişdelerini saýlap almaklyga;
6.7. Mugallymlaryň borçlary:
- mugallymçylyk işiniň ýokary netijeliliginiň üpjün etmek, döwlet bilim syýasatyny durmuşa geçirmek;
- talyplardan watançylyk, Watanyna söýgi duýgularyny terbiýelemek;
- talyplarda özbaşdak işlemek, teklip berijilik, täzeçillik, döredijilik ukyplylygyny ösdürmek;
- kärdeş-mugallymlarynyň, talyplaryň şahdy mertebesine hormat goýmak, olaryň medeni we sazlaşykly ösüşleri barada alada etmek;
- ylmy we hünar bilimlerini ýaýratmak;
- özüniň hünäri, umumy bilim we medeni derejelerini mydama ýokarlandyrmak.
6.8. Edara ediş-hojalyk, okuw-ýardam beriş, inžener-tehniki we beýleki işgärleriň hukuklary we borçlary Türkmenistanyň zähmet hakyndaky kanunçylygy, içerki zähmet düzgün-tertip kadalary, wezipe borçlary bilen kesginlenilýär.
6.9. Borçlaryň ýerine ýetirilmeligi ýa-da degişli görnüşde ýerine ýetirilmezligi üçin mekdebiň ähli işgärleri Türkmenistanyň Zähmet kanunçylygyna laýyklykda düzgün-nyzam jogapkärçiligie çekilip biliner. Zähmet borçlarynyň

göreldeli ýerine ýetirilenligi üçin bolsa, Türkmenistanyň zähmet kanunçylygda bellenen tertipde sylaglanylyp bilner.

## 7.MEKDEBIŇ TALYPLARYNYŇ HUKUKLARY, BORÇLARY WE JOGAPKÄRÇILIKLERI

7.1. Mekdebiň talyplary Mekdebiň direktorynyň buýrugy bilen bellenen tertipde Mekdebe okuwa kabul edilen adamlardyr. Mekdebiň talybyna bellenen görnüşdäki talyplyk şahadatnamasy hasap-synag depderçesi berilýär.

Talyplaryň hukuklary we borçlary Türkenistanyň kanunçylygyna laýyklykda, şu Tertipnama we beýleki Türkmenistanyň hukuknamalary bilen kegitlenilýär.

7.2. Welaýatlarda we uzak ýerlerden gelen talyplara, olaryň şahsy arzalarynyň esasynda, umumy ýaşaýyş jaýy berilýär. Umumy ýaşaýyş jaýy baradaky Düzgünnama mekdebiň direktory tarapyndan tassyklanylýar.

7.3. Mekedebiň talyplarynyň hukuklary:

a)jemgyýetçilik guramalyrynyň üsti bilen ýörüte orta okuw mekdeniň talyplarynyň durmuşynda ýüze çykýan meseleleriniň çözgüdüne göniden-döni gatnaşmak;

b)Mekdepde okadylýan umumy okuwlara şeýle hem mekdepde geçirilýän goşmaça okuw sapaklaryna gatnaşmak;

ç)okuw kitaplaryndan, okuw-usulyýet gollanmalaryndan we beýleki edebiýatlaryndan, okuw üçin zerur bolan tehniki serişdelerden peýdalanmak;

d)okuwyn dowamynda Mekdebiň okuw-önümçilik, ylmy we medeni-sport binýadyndan peýdalanmak;

e)okuwyň dowamynd özi üçin howpsyzlyk we saglygy goraýyş şertleriniň üpjün edilmegini talap etmek;

f)Mekdebiň ýolbaşçylygynyň öňünde okuw dersleriniň gowy hili alynyp barylmagyny üpjün etmeýän mugallymlary çalyşmak barada mesele goýmak;

g)saglyk ýagdaýy sebäpli ýyllyk rugsadyny almaklyk;

h)mekdebi tamamlanyndan soň, öz hünäri boýunça işlemek;

7.4. Mekdebiň talyplarynuň borçlary:

a)öz saýlapalan hünarleri, durmuş-syýasy we gumaitar dersler boýunça nazary bilimleri, tejribe endiklerini we işiň döwrbap usullaryny çuňňur ele almak;

b)degişli okuw meýilnamasynda we maksatnamasynda göz öňünde tutulan ýumuşlaryn ähli görnüşlerini belleen möhletinde ýerine ýetirmek;

ç)okuw sapaklarynyň ähilsine gatnaşmak, okuw we ýerine ýetirijilik kadalaryny berjaý etmek;

d)umumy adamzat we milli, medeni gymmatlyklary bilmek, gözýetimini giňeltmek we milli däp-dessurlaryň we adatlaryň esasyndaky dünýägaraýşyny kemaa getirmek;

e)guramaçulyk işlerini geçirmek endikleri almak;

ä)ylmy we hünär bilimlerini wagyz ediş çärelerinde gatnaşmak;

7.5. Talyplaryn gowy okap, ylmy-barlag we jemgyýetçilik işlerine işeňňir

gatnaşan ýagdaýlarynda, olara minnetdarlyk yglan etmek, sylaglamak, gymmat baha sowgatlar bilen sylaglamak, hormat hatyny gowşyrmak, hormat tagtasyna çykarmak ýaly höweslendirmeler bellenilýär.
7.6. Talyplara jemgyýetçilik tertibini, içerki opkuw tertibiniň kadalaryny we umumy ýaşaýyş jaýynda ýaşamagy ň düzgünlerini bozanlygy üçin duýduryş bermek, käýinç yglan etmek, berk käýinç yglan etmek, Mekdepden okuwdan çykarmak ýaly düzgün-nyzam temmileri ulanylyp bilner.
7.7. Mekdebiň uçurymlaryna diplom bermek Türkmenistanyň hereket etýän kanunçylygyna laýyklykda mala aşyrylýar.

## 8.Mekdebiň emlägi we serişdeleri

8.1. Mekdep özbaşdaklykda, şu Tertipnamada özüne berlen hukuklaryň çäginde, maliýe-hojalyk işlerini alyp barýar, şz ähli serişdelerini ulanmagyň tertibini kesgitleýär.
8.2. Mekdebiň hususy serişdelerini “Türkmengaz” döwlet konserniniňmaýa goýumlary we Mekdebiň peýadynyň hasabyna döredilen Tertipnama toplanyş, sarp ediş we ätiýaçlyk gaznalary düzýär.
8.3. Mekdebiň Tertipnama gaznasy 46340,80 manat ( kyrk alty mün üç ýüz kyrk manat segsen teňňe) möçberinde kesgitlenen we “Türkmengaz” döwlet konserniniň maýa goýumunyň hasabyna döreýär.
8.4. Mekdebi maliýeleşdirmek:
- talyplaryň okuw üçin geçirýän pulunyň hasabyna;
- Türkmenistanyň Nebitgaz pudaklarynda hünärmenleri maksatlaýyn taýýarlamaga çykýan çykdaýjylarynyň öwezini dolmak tertibinde alnan serişdeleriniň hasabyna;
- ilata töleg hyzmatlary etmek, durmuş we döredijilik tabşyryklaryny ýerine yetirmek, Türkmenistanyň we daşary ýurt döwletleriniň şahsy we edara görnüşli taraplary bilen baglanşylan şertnamalar boýunça işleri bitirmek hojalyk hasaplaşygyndaky we beýleki hojalyk işleri üçin serişdeleri almagyň, şeýle hem bu işlerden alnan girdeýjiniň hasabyna;
8.5. Mekdebiň maliýeleşdirmekligiň beýleki çeşmeleri bolup:
- nebitgaz pudaklarynyň edara görnüşli taraplaryň we ahsy taraplaryň meýletin gatatçlary, aýry-aýry adamlaryň haýyr-sahabat kömekleri;
- Türkmenistanyňkanunçylygy tarapyndan gadagan edilmedik beýleki çeşmeler bolup durýar.
8.6. Mekdep salgytlardan, ýygymlardan, parçalardan we tölegleriň beýleki görnüşlerinden Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda boşadylýar.
8.7.Mekdebiň girdeýjiler we çukdaýjylar meýilnamasy(smetasy) mekdep tarapyndan düzülip “Türkmengaz” döwlet konserni tarapyndan tassyklanylýar.
8.8. Mekdebiň gazan peýdasy, onuň “Türkmengaz” döwlet konserni bilen ylalaşylan içerki tertibine laýyklykda ulanylýar.
8.9. Mekdebiň jaýlary, binalary, enjamlary, inwentar we beýleki emläkleri döwlet eýeçiligi bolup durýar.

## 9.HASAP, HASABAT WE GÖZEGÇILIK

9.1. Mekdep hereket etýän kanunçlyk esasynda öz işiniň netijeleri barada

gündelik we buhgalterlik hasabyny amala aşyrýar, bellenen görnüşde maglumat we buhgalterlik hasabatyny ýöredýär, şeýle hem “Türkmengaz” döwlet konsernine serişdeleriň alynyşy we sarp edilişi baradaky ýyllyk we çärýek hasabaty berýär.
9.2. Buhgalterlik hasabynyň esasy wezipeler:
- Mekdebiň hojalyk işleri we işiň netijesi barada gündelik dolandyryş üçin zerur bolan doly we takyk maglumatlary döretmek;
- emläkleriň bardygyna we hereketdedigine gözegçiligi üpjün etmek, maddy, zähmet we maliýe gorlaryny kadalara, kadalaşdyryjylara we smetalara laýyklykda peýdalanmak;
- maliýe-hojalyk işlerindäki ýaramaz ýagdaýlaryň wagtynda öňüni almak, içerki-hojalyk gorlaryny ýüze çykarmak we peýdalanmak.
9.3. Mekdebiň wezipeli adamlary Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda düzgün-nyzam, edara edijilik we jenaýat jogapkärçiligine çekilýärler.
9.4. Mekdep döwlet, durmuş-üpjünçilik, ykdysady we salgyt syýasatlaryny amal etmek maksady bilen, resminamalaryň (dolandyryş, maliýe-hojalyk, şahsy düzüm we beýlekiler baradaky) saklanylmagy üçin jogapkärçilik çekýär, ylmy-taryhy ähmiýeti bolan resminamalaryň bellenen tertipde döwlet goragyna tabşyrylmagyny üpjün edýär.
9.5. Mekdebiň maliýe-hojalyk işine gözegçilik “Türkmengaz” döwlet konserni tarapyndan alnyp barylýar.
9.6. “Türkmengaz” döwlet konserni, tassyklanan meýilnama esasynda Mekdebiň maliýe-hojalyk işiniň toplumlaýyn barlagyny ýylda azyndan bir gezek geçirýär.

## 10. MEKDEBIŇ IÇERKI RESMINAMALARY

10.1. Mekdebiň dolandyryş edaralarynyň, guramaçylyk bölümleriniň, işgärleriniň we talyplarynyň işleri şu Tertipnama we hereket edýän kanunçylyga laýyklykda işlenip düzülýän beýleki içerki resminamalar bilen kadalaşdyrylýar.

## 11. MEKDEBIŇ IŞINIŇ ÝATYRYLMAGY WE MEKDEBIŇ ÝAPYLMAGY

11.1. Mekdebiň üýtgedip guralmagy, bes edilmegi we ýapylmagy Türkmenistanyň hereket edýän kanunçylygyna laýyklykda geçirilýär.

## 12. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

12.1 Şu Tertipnama türkmen dilinde 2 (iki) nusgada düzülip birmeňzeş hukuk güýje eýedir.
12.2. Şu Tertipnama Türkmenistanyň Ykdysadyýet we ösüş ministrliginiň Edara görnüşindäki taraplary we maýa goýum taslamalaryny döwlet tarapyndan hasaba almak müdirliginde hasaba alnandan soň güýje girýär.